# Gorpa gaçmak / detektiw oçerk

Category: Detektiw proza,Kitapcy,Medisina,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gorpa gaçmak / detektiw oçerk GORPA GAÇMAK

Ikinji narkologiýa bölüminiň müdiri Kuwat Seýtäkow kabinete giren nähoşa oturgyjy görkezip; «Otur, Temirhan» diýýär.
Nähoş ellerini dyzynyň üstüňde goýup, guşuňky ýaly inçejik boýnuny sozup, äýneginiň üstiaşyr seredýär: ol wraçy diňlemäge taýyn.
– Bizde žurnalist myhmançylykda, Temirhan. Bu ýere – bize nähili düşendigiňi ýene: bir gezek gürrüň berip bilmezmiň?
Nähoş parhsyzlykdan we ýadawlykdan başga hiç hili garaýşy aňlap bolmajak ýüzüni maňa tarap öwürdi.
– Haliulin meniň familiýam – diýip, göni seredip bilmän, ýüzüni kese sowup gürrüň berýär: – Köneürgençden men, ol ýerde uýamlarda ýaşaýaryn. Bu ýere meni kolhoz bazaryndan alyp gaýtdylar, atyr içip kelläni «düzleýärkäm».
– Maşgalaňyz barmy, Temirhan?
Täsirsiz ýüzünde birhili naýynjar, günäkärleriňki ýaly ajy ýylgyryş peýda bolýar.
– Alkaşyňam bir maşgalasy bolarmy? Men ýigrimi ýyla golaý wagtdan bäri şu zährimary içýärin.
Öz-özüniň ömrüne palta uranyň biparhlygy, tüýs ýaşaýşa ynamyny ýitiren adam. Onuň taryhyny diňleýärin. Ony şu zat gorpa itekläpdir diýip güman eder ýaly, artykmaç zat ýok,
– Bir ýyl, iki ýyl içmän gezip bilýärin – diýip, Haliulin öz sözlerine özi haýran galýan ýaly gürrüň berýär: – bir bulgur içibem saklanyp bilemok. Üznüksiz içmäge başlaýaryn. Soňky gezegem sowuklama zerarly içdim. Grip halys etdi, sagalmak üçin içdim. Häzirem şu ýere düşdüm.
Ýok, ol narkologiýa dispanserine säwlik bilen düşmedi. Alkogola meýilliligine sowuklama hem günäkär däl. Nähoş çykyp gidensoň, Kuwat Seýtäkow bilen bolan gürrüňden men onuň «samrama» keseli bilen birnäçe gezek gaýtalap keselländigini, aňýaryn. Ölümiň gyrasyndan gaýdypdyr, şonda-da özüni saklap

bilenok.
– Biziň işimizde iň kyn ýeri nähoşlaryň köpüsiniň özlerini şeýledir diýip oýlamaýanlyklaryndadyr – diýip, bölüm müdiri aýdýar: – hemme zat öz elimizde, haçan islesek içmämizi goýarys diýip pikir edýärler. Hakykatda bolsa olar eýýäm gorpuň düýbünde, gyssagdy kömege mätäç.

Haliulinyň ýaňyja turup giden oturgyjynda Firdous Haýrudinow otyr.
Eýýäm ilkinji garaýyşdan onuň ýüzünde alkogoligiň tagmasyny germek bolýar. Spirtli içgileri çendenaşa içen ligi üçin peýda bolan pese düşmekden, sersag durmuşdan bolan gorkudan ýaňa birgeňsi gyrpyldaýan göreçlerinden duýmak bolýar. Ol 44 ýaşynda, şonuň sekiz ýylyny zähmet – sagaldyş profilaktoriýasynda geçiripdir. Bu ýerde, narkologiýa dispanserinde hem birnäçe gezek ýatyp çykypdyr. Ýöne häzirlikçe wraç – narkologlaryň tagallalary ýerine düşenok.
– Bar bela onuň bu işi taşlamak islemeýänligindedir – diýip, K.Seýtäkow aýdýar. – Ynha, häzirem ol dürli ýollar bilen sagaldyş kursundan gaçmak isleýär.
– Sen näme üçin içmäňi goýaňok? – diýip, wraç soraýar.
Haýrudinow gaharly garaýyş bilen seredýär:
– Nähili goýjak? Durmuş mejbur edýär. Nirä barsaň-da barmaklaryny çommaldyp pyşyrdaşýarlar. Işe ýerleşmek kyn. Hiç ýerde alanoklar, alkaş diýýärler. Şonuň üçinem içýärin.
Haýrudinow gürrüňdeşligiň bütin dowamynda özüniň bar betbagtçylyklarynyň içgidendigini boýun almady. Durmuşynyň oňmadygyna bolsa diňe onuň özi günäkärdi.
Wraç işiň hakyky ýagdaýy barada oňa sabyrlylyk bilen düşündirýär, ýöne Haýrudinowy ynandyrmak mümkin däl.
– Durmuş günäkär, adamlar – diýip, ol aýgytly aýdýar, hiç zat diňlemek islemeýän ýaly, özüniňkiniň dogrulygyna bolan ynam bilen kabinetden çykyp gidýär.
Wraçyňky mamla. Öz keselleriniň hakyky sebäbini görmek islemeýän şeýle nähoşlara kömek bermek kyn.
Üçünji bolup kabinete kyrk ýaşlaryndaky çal saç adam girdi. Onuň adyny aýdyp oturjak däl, sebäbi ol beýlekilerden

tapawutlylykda bu eýmenç keselden gutulmak üçin dispansere öz aýagy bilen gelipdir. Wraç ony özüne erk edip biler diýip hasaplaýar, oňa ynanýar.
Alkogol nähoşy öz hakykysyndan on ýaş dagy uly görkezýär.
Tiz medisina kömegine mätäç bolan beýlekilerden tapawutlylykda güýç bilen getirilip bolunmaýan bu disnansere ol nähili öz aýagy bilen meýletin geldikä?
— Mende içgiden soň «samyrdama» keseli peýda boldy — diýip, ol boýun alýar: — Aýlykdan soň ýatyp içdim. Onki günläp dagy yzyny üzmän içdim. Soň üç günläp ýatyp bilmedim. Otagda ýarganatlar gaýmalaşyp başlady, bir hili ýaşyl ýylanlar, eýmenç ajdarhalar, sarymtyl ak pişikler gözüme görnüp ugrady…
Nähoşuň gürrüň berýän bu hyýalbent zatlary birbada biygtyýar gülküňi tutdurýar. Ýöne onuň gamgyn göreçleriňe gözüň düşende gorkunç duýgusy döreýär. Sebäbi adam akyldan azaşypdyr. Oňa üç günläp ynjalyk bermedik al-arwahlary häzire çenli köpleriň zyýansyz güýmenje hasaplaýan alkogolly içgileridigi welin aýan zat.
— Indi hiç haçan içmerin — diýip, ol başyny galdyrman gürleýär: — onuň nämä getirýändigine häzir düşünip başladym. Häzire çenli illeriňki ýaly maşgalam hem ýok ahyryn. Söýýän gyzym bardy, ol hem taşlap gitdi. Eşidişime görä, instituty tamamlapdyr, men bolsam ýedi klas bilimim bilen galyberdim. Ýeke özüm. Diňe çüýşedeşlerim ýanymda.
Ýaňky dostsumaklary onuň bilen görme-görşe gelipdirler. Özleri bilen bir çüýşe arak getiripdirler. Ýöne nähoş beýle howatyrly sowgatdan ýüz öwrüp, olaryň gaýdyp indi gelmezliklerini haýyş edipdir. Diýmek, şeýle «dostlugyň» bahasyna düşünipdir.
— Men oňa ynanýaryn — diýip, wraç ýaňkynyň hökgeren ýagyrnysyna gynanç bilen seredip durşuna aýtdy. Muňa, ynanasyň gelýärdi. Nähoşuň paýhassyz ýaşalyp geçilen ömür üçin giç ökünmesi ýaly ynanasyň gelýärdi.
— Iň güýçli dermanyň adamyň öz-özüne erk edip bilmegidigini öň aýdypdym diýip, Kuwat Seýtäkow ynandyryjylykly gürleýär: — Eger-de alkogolik özüniň keseldigine düşünse, şeýledigini boýun almaga erki ýetse we keselden gutulmak islese, onda şuň sagalmagy reallyga öwrülýär. Bize bolsa zerur medikamentoz

bejerip, şertli – reflektor terapiýa belläp, kömek edäýmek galýar.
Gynansak-da, nähoş dispanserden çykyp, ýene-de çüýşedeşleriniň arasyna düşýär. Ýekeje gezek içdigi-de biziň bar zähmetimizi puja çykarýar, geljekki durmuşyna atanak çekýär. Şonuň üçin hem alkogolizm bilek kesellän nähoşlaryň bejergi kursundan soň ony bulgura meýil etmekden saklaýan, talap ediji, üns bilen gurşaýan dostlarynyň arasynda düşmekleri gerek.
Dispanseriň howlusyndan çykyp, ýeňillik bilen dem aldym. Öz-özlerini agyr kesele duçar eden adamlaryň ýatan palatalaryndaky atmosfera darykdyryjydy. Olaryň köpüsiniň geçmişiň agyr ýüküni gerdenlerinden zyňyp taşlap, ýaşaýyş geljekki ajaýyplyklaryny görjekdiklerine, ondan lezzet aljakdyklaryna ynanasyň gelýär. Bu işde bolsa olara hemmeler kömek etmelidirler. Bu biziň adamkärçilik borjumyzdyr.

Şöhrat MÄTWELIÝEW. Detektiw proza